# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**Baýramgeldi Berkeliýew,**
*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty*

# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA HYZMATDAŞLYGYNY ÖSDÜRMEKDE HÖKÜMETARA TOPARLARYŇ OŇYN TEJRIBESI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň çuňňur paýhasly ýolbaşçylygynda üstünlikli amala aşyrylýan daşary syýasaty we diplomatiýasy mynasybetli biziň döwletimiz dünýäniň halkara gatnaşyklary ulgamynda özüniň täsirli we abraýly ornuny barha berkidýär. Bu babatda esasy ugurlaryň biri hem ýurdumyzyň "Açyk gapylar" syýasatyny alyp barmagy esasynda daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly şertleriň döredilmegi, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda halkara hyzmatdaşlygy boýunça maksatlaýyn işleriň durmuşa geçirilmegi bilen baglydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň 2022-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda bolan mejlisindäki çykyşynda belleýşi ýaly, 2019-njy ýylyň oktýabrynda Aşgabatda geçirilen Arkalaşygyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça işlenip taýýarlanylan GDA agza döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda Jarnama gol çekildi. Bu resminama 2030-njy ýyla çenli ykdysady ösüşiň Strategiýasynyň esasyny düzüp, biziň hyzmatdaşlygymyza we işewür gatnaşyklarymyza täze itergi berdi [1].

"Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin konsepsiýasynda" görkezilişi ýaly, daşary-syýasy işiň esasy wezipeleriniň hatarynda diplomatik, halkara-hukuk we beýleki usullar arkaly Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny, garaşsyzlygyny howpsuzlygyny üpjün etmek, onuň hemişelik Bitaraplyk derejesini pugtalandyrmak, halkara derejesinde ýurdumyzyň bähbitlerini goramak, döwletimiziň durnukly durmuş-ykdysady ösüşi üjün etmek, amatly daşary-syýasy şertleri doretmek, şeýle hem daşary ýurt döwletlerinde Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak bolup durýar.

Türkmenistan halkara ykdysady hyzmatdaşlygynyň deňhukukly tagallalary birleşdirmek, gyzyklanýan taraplaryň bähbitlerine sarpa goýmak esasynda ösdürilmegine aýratyn üns berýär. Üstünlikli ädimleriň binýadynda goýlan ýurdumyzyň geografiki taýdan oňaýly ýerleşmeginiň we tebigy baýlyklaryny rejeli peýdalanmagyň uzakmöhletli strategiýasy işjeň ýagdaýda hereket edýär.

Şu nukdaýnazardan, daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegiň netijeli syýasy-diplomatiki gurallarynyň biri hökmünde ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň dürli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak we zerur ugurlara gönükdirmek boýunça iş alyp barýan hökümetara toparlaryna ähmiýetli orun degişlidir. Bu toparlaryň çäklerinde

aýry-aýry ugurlar boýunça iş toparlary hem döredilýär we olaryň mejlislerinde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň derwaýys meselelerine we anyk çärelere seredilýär.

Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ählitaraplaýyn ösdürmek, dünýäniň ykdysady infrastrukturasyna integrirlenmegi onuň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny düzýär. Türkmenistanyň başga ýurtlar bilen döreden we hereket edýän hökümetara toparlarynyň işi özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň netijeli gurallarynyň biri hökmünde syýasy-diplomatik tejribede doly subut edildi.

Hökümetara toparlarynyň esasy wezipeleriniň biri hem iň ýokary we ýokary derejelerdäki duşuşyklarda we gepleşiklerde gelnen ylalaşyklary, gol çekilen şernama-hukuk resminamalarynda göz öňünde tutulan wezipeleri netijeli durmuşa geçirmegiň ýollaryny, çemeleşmelerini, usullaryny işläp düzmek bilen bagly bolup durýar. Hökümetara toparlaryň çäklerinde, şeýle hem söwda-ykdysady, maýa goýum, energetika, ulag-aragatnaşyk, medeniýet, ylym-bilim we beýleki meselelere seredilip degişli teklipler taýýarlanylýar. Netijede, hökümetara toparlary döwletimiziň halkara gatnaşyklaryny işjeň alyp barmak üçin zerur bolan oňaýly daşary-syýasy şertleri döretmekde wajyp ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň dünýäniň dürli ýurtlaryna yzygiderli amala aşyrýan döwlet, resmi we iş saparlary, Türkmenistana gelýän ýokary derejedäki daşary ýurt wekiliýetleriniň sanynyň artmagy, daşary işler ministrlikleriniň arasyndaky geňeşmeleriň, hökümetara toparlarynyň mejlisleriniň, dünýäniň ähli künjeklerinden gelen wekilleriň gatnaşmagynda ýokary derejeli halkara maslahatlarynyň, işewürlik duşuşyklarynyň we gepleşikleriň we beýleki çäreleriň yzygiderli geçirilmegi, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilýändigine şaýatlyk edýär.

Bu babatda döwürleýin amala aşyrylan işler bilen bilelikde häzirki zaman şertlerinde halkara gatnaşyklary ulgamynda milli bähbitleri üpjün etmeklige gönükdirilen täze we belent wezipeler kesgitlenilýär. Olar, ilkinji nobatda, döwletimiziň milli bähbitlerini üpjün etmek, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda gurulýan oňyn we özara bähbitli hyzmatdaşlygy alyp barmagyň täze we netijeli çemeleşmeleri herekete getirmek bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Dünýädäki we sebitdäki ýagdaýlara strategik taýdan baha bermek üçin ylmy we seljeriş usullarynyň ýerlikli ulanylmagy hem üns merkezinde durýar we olar diplomatiki işde uly ähmiýete eýedir.

“Bitarap Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda” bellenilişi ýaly, dünýä ykdysadyýetinde bolup geçýän ýagdaýlar aglaba döwletlerde ykdysady ösüşiň depgininiň peselmegi, halkara haryt, gazna we maliýe bazarlarynyň durnuksyzlygy, dünýäniň dürli sebitleriniň ösüş derejelerindäki aratapawutlaryň ýokarlanmagy hem-de dünýä ykdysadyýetiniň umumy ösüşine oňaýsyz täsir edýän beýleki birnäçe şertler bilen häsiýetlendirilýär.

“Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda” daşary syýasatyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek boýunça öňde goýlan belent wezipelerini amala aşyrmaklyga aýratyn üns berilýär. Bu wajyp işiň uly ähmiýetli ugry hökmünde Türkmenistan milli ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösýän şertlerinde dünýäniň dürli döwletleri bilen ýokary tehnologiýaly pudaklarda hyzmatdaşlyk etmäge, häzirki zamanyň öňde baryjy bilimlerini we dolandyryş çözgütlerini ornaşdyrmaga ünsi güýçlendirip, öz söwda-ykdysady gatnaşyklaryny çäk we gurluş taýdan kämilleşdirmeklik strategik wezipeleriň hatarynda goýulýar. 2019–2025-nji ýyllar üçin Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekdäki birnäçe strategik häsiýetli wajyp ugurlar boýunça amala aşyrylmaly wezipeler kesgitlenendir.

Birinjiden, senagat pudaklaryny we hyzmatlar ulgamyny düzüm taýdan üýtgedip gurmak arkaly ýokary tehnologiýaly önümçiligi goldamaga we goşulan bahasy ýokary derejede bolan önümleri öndürmäge geçmek boýunça degişli çäreler amala aşyrylýar.

Ikinjiden, häzirkizaman bazar ykdysadyýetiniň ýörelgelerine eýermek bilen, döwlete degişli eýeçiligi azaltmak we hususylaşdyryş işleri toplumlaýyn alnyp barylýar hem-de paýdarlar jemgyýetleri döredilýär.

Üçünjiden, kärhanalary üýtgedip gurmak maksady bilen, dolandyryş we önümçilik babatda dünýäde gazanylan iň täze ylmy we tehnologik üstünlikleri iş ýüzünde ulanmak boýunça işler durmuşa geçirilýär. Netijede, dolandyryş ulgamynyň özgerdilmegi we sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen bilelikde, kärhanalar gurluş taýdan kämilleşýär we ykdysadyýetimiziň täze keşbi döredilýär.

Dördünjiden, bazar ykdysadyýetiniň möhüm ugry bolan marketing strategiýasyna hem düzedişler girizilýär. Milli ykdysadyýetimiz global akymlaryň çagyryşlaryna doly jogap bermek bilen, halkara derejesindäki talaplaryna laýyk hereket edýär we dünýä ykdysadyýetine tarap ynamly gadam urýar.

Bäşinjiden, Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygyny netijeli alyp barmak bilen, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin oňaýly şertleri döredýär. Degişlilikde, maýa goýmagyň täze görnüşlerini işläp taýýarlamak, hususan-da, döwlet bilen hususyýetçiligiň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak ugrunda zerur çäreler geçirilýär.

Türkmenistanyň işjeň daşary syýasaty halkara derejesindäki iri taslamalary durmuşa geçirmäge oňaýly şertleri döretmeklige gönükdirmek bilen bilelikde ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmäge itergi berýär. Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde dünýä ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, milli ykdysadyýetiň ýokary tehnologiýalara esaslanan industrial ösüş ýoluna ykdysadyýeti kämilleşdirýän daşary-ykdysady gatnaşyklary barha ösýär.

Degişlilikde, döwletimiziň daşary syýasatynyň geoykdysady çäkleri hem işjeň ösýär. Türkmenistan halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny giňden alyp barmak

bilen özüni ygtybarly we ynamly, öz borçnamalaryna wepaly hyzmatdaş tarap hökmünde dünýä tanatdy. Munuň şeýledigini dünýäniň ösen döwletleri we ady belli kompaniýalary, maliýe we söwda-ykdysady gatnaşyklary bilen meşgullanýan halkara guramalary biziň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge çalyşýandyklary hem subut edýär.

Türkmenistanyň halkara giňişliginde tutýan ornunyň we ähmiýetiniň ýokarlanmagy bilen bilelikde ýurdumyzyň geoykdysady strategiýasy hem anyk görnüşlere eýe bolýar. “Açyk gapylar” syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzyň daşary-ykdysady we söwda gatnaşyklarynyň möçberleri hem maksatlaýyn esasda ösdürilýär we uzakmöhletli maýa goýum meýilnamalaryna laýyklykda iri taslamalar ýerine ýetirilýär. Täze transkontinental ulag-aragatnaşyk ugurlarynyň, energiýa serişdeleriniň dünýä bazaryna eltilmeginiň has tygşytly ýollarynyň we beýleki iri möçberli taslamalarynyň yzygiderli öňe sürülmegi we durmuşa geçirilmegi türkmen döwletiniň “Açyk gapylar” syýasatynyň iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň mysallary bolup durýar.

Türkmenistanda ykdysady özgertmeler ylmy taýdan esaslandyrylan we uzak möhlete gönükdirilen milli maksatnamalara laýyklykda amala aşyrylýar. Hususan-da olaryň hatarynda, ilki bilen, “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny” görkezmek bolar.

Ýokarda beýan edilenler bilen baglylykda, Türkmenistanyň başga ýurtlar bilen netijeli oňyn hyzmatdaşlygynyň ygtybarly we netijeli guraly hökmünde hökümetara toparlarynyň işini aýdyp bolar. Olaryň çäklerinde özara bähbitli ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygy alyp barmagyň meselelerine seredilýär we zerur teklipler kabul edilýär.

Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynda hökümetara toparlarynyň has işjeň ýagdaýda hereket edýändigini bellemek bilen, bu babatda, birnäçe basgançakly we özara logiki baglanyşykly syýasy-diplomatiki çäreleriň esas bolup durýandygyna ünsi çekmek ýerliklidir. Olar, esasan, şu tapgyrlardan durýarlar:

– iň ýokary derejedäki duşuşyklar we olarda wajyp ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň hem-de hyzmatdaşlyk baradaky beýleki resminamalaryň toplumyna gol çekilmegi;

– ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik geňeşmeleriň geçirilmegi hem-de ýokary derejede gelnen ylalaşyklary durmuşa geçirmegiň ýollarynyň we usullarynyň kesgitlenmegi;

– ikitaraplaýyn söwda-ykdysady we has giň hyzmatdaşlyk boýunça toparlaryň mejlislerinde anyk meseleleri ara alyp maslahatlaşmak we degişli teklipleri hödürlemek;

– hökümetara gepleşikleriň barşynda degişli jogapkär ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryna seredilmegi;

– sebitleýin köptaraplaýyn esasdaky duşuşyklarda “5+1” formatdaky duşuşyklaryň geçirilmegi we olarda milli bähbitleriň özara utgaşdyrylmagy netijesinde umumy bähbitlere laýyk gelýän wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmak;

– abraýly halkara guramalary, ilki bilen, BMG, Ýewropa Bileleşigi we beýleki guramalar bilen, şeýle-de iri maliýe-kredit we maýa goýum guramalary hem-de edaralary bilen ýakyn hyzmatdaşlygy alyp barmak.

Ýokarda agzalanlar babatynda soňky ýyllarda aýratyn hem ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparlarynyň has işjeň häsiýete eýe bolandygyny ýatlamak zerur. Geçen on ýylyň içinde olaryň sanynyň ep-esli derejede köpelendigi barada aýdyp bolar. Mysal üçin, Türkmenistan ABŞ, Ýewropa, Aziýa, Afrika yklymlarynyň öňde baryjy ýurtlary bilen, GDA agza döwletler bilen, şeýle-de Ýewropa Bileleşigi bilen syýasy-diplomatiki we daşary-ykdysady meseleler boýunça köpsanly geňeşmeleriň we duşuşyklaryň 70-den gowragy geçirildi. Şol sanda, dürli formatdaky 10-dan gowrak türkmen-rus, 10-a golaý türkmen-amerikan, 10-dan gowrak türkmen-hytaý, 10-dan gowrak türkmen-özbek duşuşyklary, geňeşmeleri we mejlisleri geçirildi [2].

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, 2018-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Daşary işler ministrliginiň düzüminde daşary-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça täze bölümiň açylmagy bilen, ikitaraplaýyn hökümetara ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk toparlarynyň işlerini utgaşdyrmak has-da maksatlaýyn görnüşe eýe boldy. Munuň özi bolsa uzak we orta möhletli milli ösüş maksatnamalarynda bellenilen wezipeleri amala aşyrmagyň syýasy-diplomatik gurallaryny kämilleşdirmekde öňe ädilen anyk ädim boldy. Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň yzygiderli ösýändigine subutnama hökmünde 2017-nji ýylda ýüzden gowrak ýurt bilen daşary-söwda hyzmatdaşlygy alnyp barylýardy we eksport edilýän önümleriň möçberi 2016-njy ýyl bilen deňeşdirilende, 6,6% ýokarlanypdy [3].

Hasaplamalaryň görkezişi ýaly, Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynyň umumy möçberiniň tas 90% diýen ýaly bölegi ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky toparlary döreden ýurtlaryň paýyna düşýär. Munuň özi bolsa şeýle toparlaryň örän uly täsiriniň bardygyna aýdyň şaýatlyk edýär [4].

Şeýlelikde, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ählitaraplaýyn ösdürmek, dünýäniň ykdysady infrastrukturasyna integrirlenmegi onuň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny düzýär.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisindäki çykyşy. Bişkek, 13.10.2023.

2. Hasaplamalar Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň saýtynyň berýän maglumatlarynyň esasynda geçirildi.

3. *Аширов О*. Туркменистан в системе международных экономических отношений. Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. 2018, №4.

4. *Гурбанов В*. Межправительственные комиссии – важнейший инструмент развития внешнеэкономических отношений. Нейтральный Туркменистан, 16.03.2011.



**Gurbanmämmet Gurbanow,**

*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty*


# MERKEZI AZIÝADA SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ TÄZE WE NETIJELI FORMATLARYNYŇ IŞJEŇLEŞMEGI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan üstünlikli daşary-syýasy strategiýasyny amala aşyrmakda sebitdäki ýakyn goňşy döwletler bilen özara düşünişmek, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerini berjaý etmek bilen, Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy goramagyň we berkitmegiň zerurlygyna aýratyn üns berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň Konsultatiw duşuşygyndaky çykyşynda: “Türkmenistan halklarymyzyň bähbitlerine dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýagdaýyny saklamagyň we netijeli sebit hyzmatdaşlygynyň kepili boljak döwletara gural hökmünde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň formatyna örän möhüm ähmiýet berýär” diýip, aýratyn nygtap geçdi [1].

Mälim bolşy ýaly, sebitde döwletara gepleşikleriň täsirli formatlaryndan biri hökmünde geçirilýän Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň maslahaty ilkinji gezek 2018-nji ýylyň mart aýynda Gazagystanyň paýtagtynda bolupdy.

2018-nji ýylyň 23–24-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Özbegistana amala aşyran döwlet saparynyň barşynda Merkezi Aziýa sebit hyzmatdaşlygynyň täze formatlaryny işe girizmek meselesi ýene-de bir gezek has-da aýdyňlaşdyryldy [2]. Netijede, gönüden-göni Konsultatiw duşuşyklar görnüşindäki bu format 2019-njy ýyldan başlap guralyp başlandy. Has anygy, 2019-njy ýylyň 29-njy noýabrynda Daşkent şäherinde Merkezi Aziýanyň döwlet baştutanlarynyň ikinji Konsultatiw duşuşygy geçirildi. Agzalan duşuşygyň barşynda söwda, ykdysadyýet, maýa goýum, ulag, oba hojalygy, senagat kooperasiýasy, daşky gurşawy goramak, energetika, suw gorlary, syýahatçylyk, ylym we medeniýet ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljegi uly bolan ugurlary, görnüşleri we gurallary ara